# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň 2015-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda

**1-nji madda**

Türkmenistanyň 2015-nji ýyl üçin Döwlet býujetini girdejiler boýunça 102800,8 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 106200,8 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler boýunça 20701,5 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 24101,5 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**2-nji madda**

Türkmenistanyň 2015-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň ahyrky derejesini 3400,0 mln. manat möçberde bellemeli.

2015-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä býujet serişdelerinden emele gelen galyndylary býujet ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin çeşme bolup durýar diýip bellemeli.

**3-nji madda**

Türkmenistanyň 2015-nji ýyl üçin Merkezleşdirilen býujetini girdejiler boýunça 92817,0 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 96217,0 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler boýunça 10717,7 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 14117,7 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**4-nji madda**

Umumydöwlet salgytlaryndan Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerine geçirmeleriň 2015-nji ýyl üçin kadalyk ölçeglerini şu aşakdaky möçberlerde bellemeli:

| | Goşulan baha üçin salgytdan | Peýdadan alynýan salgytdan | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytdan |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 25% | 25,84% | 25% |
| Ahal welaýaty | 95% | 95% | 95% |
| Balkan welaýaty | 37% | 37% | 37% |
| Daşoguz welaýaty | 95% | 95% | 95% |
| Lebap welaýaty | 96% | 95,04% | 96% |
| Mary welaýaty | 79% | 80,57% | 79% |

**5-nji madda**

2015-nji ýylda Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetinden welaýatlaryň býujetleriniň deňeçerligini üpjün etmek üçin 2072,5 mln. manat möçberde serişdeleri bölüp bermeli, şol sanda:

| | | |
|---|---|---|
| Ahal welaýaty | 330,1 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 1742,4 | mln. manat |

**6-njy madda**

Ýerli býujetleri 12056,2 mln. manat möçberde, şol sanda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerini aşakdaky möçberlerde tassyklamaly:

| | | |
|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 2362,8 | mln. manat |
| Ahal welaýaty | 1745,0 | mln. manat |
| Balkan welaýaty | 1469,3 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 2074,3 | mln. manat |
| Lebap welaýaty | 2184,5 | mln. manat |
| Mary welaýaty | 2220,3 | mln. manat |

**7-nji madda**

Zähmet haky, pensiýalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň goralan maddalarydyr diýip bellemeli.

**8-nji madda**

Türkmenistanyň Maliýe ministrligine Türkmenistanyň kanunlaryndan, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryndan, kararlaryndan, buýruklaryndan gelip çykýan zerur bolan takyklamalary 2015-nji ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň görkezijilerine girizmegi, şeýle hem Merkezleşdirilen we ýerli býujetleri ýerine ýetirmegiň barşynda ähli çykdajy maddalary boýunça tygşytlanan serişdeleri zerur ýagdaýlarynda beýleki çykdajy maddalara gönükdirmegi tabşyrmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri*
*2014-nji ýylyň 8 noýabry*
*№ 132-V*